# «Endigan ýagyp dur hünji deý ýagyş…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Endigan ýagyp dur hünji deý ýagyş…"



**Akjemal Omarowa**
Endigan ýagyp dur hünji deý ýagyş…
Nagraly goşgyňy okadym men düýn.
Delmuryp oturma sen ahy-zarda,
Tutma özüň bulda giren Aý kimin.

Jahany terk etme, saçlaryň ýaýyp,
Dökme gözleriňden merjen ýaşyny.
Söýeniň çyn bolsa uçan gumryňy,
Sypa onuň palappanyň başyny.

Anteýe güýç beren ene toprak deý
Şuňkaryň güýç berer saňa her daýym.
Göwnüňde öwç alyp hyjuw, şatlygyň,
Ylhamyň ýaňadan saýrar mylaýym.

Şol halatda öwsüp bir täsin şemal,

Syrar gider göwnüňdäki dumany.
Ganarsyň oň ýeke berlen deminden
Hem taryp edersiň ajap şemaly.

Kakabaý YLÝASOW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy. Goşgular